# Sygyr çopanyna

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 24 января, 2025
Sygyr çopanyna SYGYR ÇOPANYNA

*(degişme äheňinde)*

Hany, biraz eglensen-e,
Çopan ýigit, diňle sözüm.
…Mal yzynda emgenmeseň–
Il öňünde gyzar ýüzüň…

Bes et indi, sykylygňy,
Durma köçäni örüzip.
…Sygrym neçün sykylypdyr,
Her gün aç gelýär örüden?

Mal diýeniň gözlerinden,
Suw içýändir eýesiniň.
Ýokuş görme sözlerimi,
Şu nakyla eýer senem!

Hor bolmarsyň akyl alsaň,
Hak sözlere sygynmaly.
…Gowy bordy hak alaýsaň,
Bakyşyň dek, sygyrlary…

“Dilsiz!” diýme janawere,
Düşbüje gözlerne gara.
…Yssy howa–jana görgi,
Salkynda bak, kere-mara…

Kow sürüni mahal-mahal,
Sonarly meýdana, ýaýla,
…Maňa gelen gaharyňy,
Sygrymdan bir çykaraýma…

Gel, biz bir zat gürleşeli,

Bu şertime bolsaň kaýyl—
Sen sygry gowja bak inim,
Men gowy şygyr okaýyn…

Şygyr—bu giden bir umman,
Gulaçlap ýüzmeli diňe…
…Gör, ýene-de syrly dymýaň,
Ýüzüme seredip siňe…

Annamuhammet KIRŞEN. Goşgular